Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY ÜÇIN AÇYKDYRYS!

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

ELECTRONIC NEWSPAPER

# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty

Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar

№ 43 (126) 2025-nji ýylyň 10-njy apreli



Syýasy habarlar

## HEPDÄNIŇ MÖHÜM WAKALARY

**2-nji aprelde** türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedow Katar Döwletiniň Olimpiýa Komitetiniň prezidenti Şeýh Joaan bin Hamad Al Tani bilen duşuşdy.

* * *

**2-nji aprelde** türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedow Saud Arabystany Patyşalygynyň döwlet ministri, Ministrler Kabinetiniň agzasy Emir Turki bin Mohammed Al Saud bilen duşuşdy.

* * *

**2-nji aprelde** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Aziýanyň Olimpiýa Geňeşiniň Baş direktory Huseýn Al-Musallamy hem-de Milli Olimpiýa Komitetleriniň Assosiasiýasynyň birinji wise-prezidenti, Katar Döwletiniň Olimpiýa Komitetiniň prezidenti Şeýh Joaan bin Hamad Al Tanini kabul etdi.

* * *

**2-nji aprelde** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Saud Arabystany Patyşalygynyň döwlet ministri, Ministrler Kabinetiniň agzasy Emir Turki bin Mohammed Al Saudy kabul etdi.

* * *

**3-nji aprelde** «Merkezi Aziýa — Ýewropa Bileleşigi» görnüşindäki birinji sammite gatnaşmak üçin Özbegistan Respublikasynda iş saparynda bolan hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ýewropa Komissiýasynyň Başlygy hanym Ursula fon der Lýaýen, Ýewropa Geňeşiniň Başlygy Antonio Koşta, Ýewropanyň täzeleniş we ösüş bankynyň ýolbaşçysy hanym Odil Reno-Basso bilen duşuşdy.

Söhbetdeşler sammitiň dowamynda ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ýagdaýyny seljermäge, özara gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmek babatda pikir alyşmaga, Merkezi Aziýa bilen Ýewropa Bileleşiginiň arasyndaky gatnaşyklary işjeň ýola goýmakda möhüm wezipeleri çözmäge mümkinçiligiň boljakdygyna ynam bildirdiler.

* * *

**3-4-nji aprelde** «Merkezi Aziýa — Ýewropa Bileleşigi» görnüşindäki birinji sammite gatnaşmak maksady bilen bolýan hormatly Prezidentimiz Özbegistan Respublikasynda iş saparynda boldy. Saparyň çäklerinde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Özbegistanyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew bilen duşuşdy.

* * *

**4-nji aprelde** «Merkezi Aziýa — Ýewropa Bileleşigi» görnüşindäki birinji sammite gatnaşmak üçin Samarkantda bolan hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow «Merkezi Aziýa ählumumy howa meseleleriniň öňünde: bilelikdäki abadançylyk üçin jebislik» atly halkara foruma gatnaşdy. «Silk Road Samarkand" toplumynyň Kongres merkezinde guralan iki günlük forum ekologiýa we howanyň üýtgemegi meseleleri babatda dünýä ähmiýetli wakalaryň birine öwrüldi.

* * *

**4-nji aprelde** Özbegistan Respublikasynda iş saparynda bolan hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow «Merkezi Aziýa — Ýewropa Bileleşigi» görnüşindäki birinji sammite gatnaşdy.

Sebitara dialogyň işjeňleşdirilmegi, bilelikdäki taslamalaryň sanynyň ýylsaýyn artmagy we taraplaryň özara gatnaşyklary giňeltmäge ygrarlylygy hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin giň mümkinçilikleri açýar.

* * *

**7-nji aprelde** Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan dünýä bileleşigi bilen bilelikde Bütindünýä saglyk gününi giňden baýram etdi. Baýramçylyk mynasybetli geçirilen köpçülikleýin welosipedli ýörişe hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow gatnaşdy.

Döwlet Baştutanymyz köpçülikleýin welosipedli ýörişe badalga berip, oňa gatnaşyjylaryň hatarynyň öňüni çekdi. Hormatly Prezidentimiziň göreldesine eýerip, dabara gatnaşyjylaryň ählisi Saglyk ýolunyň ýanyndan ak mermerli Aşgabadyň giň şaýollary boýunça uzaýan ugur bilen sazlaşykly hereket etdiler.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**




### FRANSUZ DILI BOÝUNÇA BÄSLEŞIGIŇ JEMLEÝJI TAPGYRY

2025-nji ýylyň 5-nji aprelinde Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda Fransiýa Respublikasynyň Türkmenistandaky ilçihanasynyň ýanyndaky "Institut français" fransuz dili boýunça okuw merkezi tarapyndan Halkara Frankofoniýa güni mynasybetli fransuz dili boýunça bäsleşigiň jemleýji tapgyry geçirildi. Oňa Türkmenistanyň ýokary okuw we orta mekdepleriniň talyp ýaşlary we okuwçylary gatnaşdylar.

Bäsleşigiň başynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň rektory G.Ýusupowa we Fransiýa Respublikasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Filip Merlen çykyş edip, bäsleşige gatnaşyjylara üstünlik arzuw etdiler.

Halkara Frankofoniýa güni mynasybetli "Institut français" fransuz dili boýunça okuw merkezi tarapyndan geçirilen bäsleşik talyp ýaşlaryň we mekdep okuwçylaryň bu ugurda bilimlerini artdyrmaga we daşary ýurt dillerini has kämil derejede öwrenmeklerine ýardam edýär.

### СОСТОЯЛСЯ ВИЗИТ ДЕЛЕГАЦИИ ИЗ ТУРЕЦКОЙ РЕСПУБЛИКИ

8 апреля 2025 года состоялся визит Председателя Управления по делам турок за рубежом и родственных общин (YTB) Абдуллаха Эрена и сопровождающей его делегации в Институт международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана, во время которого состоялась встреча с проректором по научной работе Института международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана Бегенчем Мятлиевым и преподавателями Института. После официальной встречи была организована экскурсия по институту, во время которой гости посетили музей «Истории туркменской дипломатии», библиотеку турецкого языка и редакцию институтской интернет-газеты «Голос молодого дипломата».

### WORLD HEALTH DAY

On April 7, 2025, on the occasion of World Health Day, a mass bike ride was held in the capital with the participation of the Esteemed President of Turkmenistan. Students of the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan actively took part in this ride.

As it is known, the organization of a mass bike ride, as well as the wide range of various sports activities are evidence of the increasing popularity of healthy lifestyle. Cycling, which has become a noble tradition in our country, is widely extended form of socially significant events organized in the countries all around the world for supporting various social and ecological projects and initiatives. Thereby, different sports activities were held at the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan.

Thus, the mass bike ride held today in the whole country became another proof of the unity and solidarity of our nation, of our commitment to the eternal values of humanity, the peace-loving policy we implement, and the creative path we have chosen.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**

# TÜRKMENISTAN — HINDISTAN:

## HYZMATDAŞLYGYŇ TÄZE SAHYPASY

2025-nji ýylyň 20–30-njy mart aralygynda Merkezi Aziýa ýurtlarynyň wekiliýetiniň düzüminde Türkmenistanyň ýaşlar wekiliýeti Hindistan Respublikasynda tanyşlyk saparynda boldular. Türkmenistan bilen Hindistan Respublikasynyň arasynda ýaşlar wekiliýetlerini alyşmak boýunça hyzmatdaşlygyň çäklerinde guralan bu sapara Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň, Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň, Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň, Türkmenistanyň bildirdiler. Türkmenistanyň ýaşlar wekiliýetiniň agzalary hem öz gezeginde hindi dostlaryna mähirili garşylandyklary, saparyň çäklerinde göz öňünde tutulan çäreleriň ýokary derejede guralandygy üçin tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirdiler. Şeýle-de iki dostlukly ýurduň arasynda söwda-ykdysady we medeni-ynsanperwer gatnaşyklary ösdürmekde, hususan-da, ylym, bilim, medeniýet, saglygy goraýyş, sport, syýahatçylyk ugurlarda hyzmatdaşlygy giňeltmekde bu saparyň netijeli boljakdygyna ynam bildirýändiklerini beýan etdiler.



Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutyndan wekiller gatnaşdylar.

Saparyň dowamynda türkmen wekiliýeti Hindistan Respublikasynyň Nýu-Deli, Agra, Panaji, Goa şäherlerine baryp gördüler. Mundan başga-da, türkmen wekiliýeti Goa Menejment institutynyň, Hindistanyň Tehnologiýalar institutynyň, «MY BHARAT» maksatnamasynyň meýletinçileri bilen duşuşyklar guraldy.

Saparyň dowamynda Hindistan Respublikasynyň Ýaşlar we sport syýasatynyň ýolbaşçylary bilen saparyň jemleýji resmi duşuşygy geçirildi. Onuň dowamynda dostlukly döwletiň ýolbaşçylary türkmen-hindi gatnaşyklarynda gazanylan üstünlikler, durmuşa geçirilen işler dogrusynda belläp, bu tanyşlyk saparynyň iki ýurduň gatnaşyklarynyň hil taýdan täze derejä çykarylmagyna gönükdirilen bilelikdäki işlere özboluşly goşant goşjakdygyna, has wajyp ulgamlarda hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmekde, umumy bähbitleri ilerletmek üçin şertleri döretmekde oňyn täsir boljakdygyna ynam

Saparyň barşynda Hindistanyň Ýaşlar we sport ministri bilen «Young Leaders Dialogue» atly duşuşyk guraldy. Ol ýerde Merkezi Aziýa ýurtlarynyň wekiliýetleri hem çykyş edip, bu maksatnamanyň dowamynda özlerinde galdyran täsirleri we Hindistan Respublikasynyň hökümetine öz minnetdarlygyny bildirýän çykyşlary etdiler.

Hindistan Respublikasynda geçirilen çäreleriň dowamynda Türkmenistan barada oňyn garaýyşlar beýan edildi. Saparyň ahyrynda türkmen wekiliýetiniň agzalary dünýä döwletleri bilen gatnaşyklaryň pugtalandyrylmagynda we olar bilen hyzmatdaşlygyň işjeňleşdirilmeginde ýaşlaryň güýjüne uly ynam bildirýän Gahryman Arkadagymyza, hormatly Prezidentimize alkyş sözlerini aýtdylar.

**Yslam ŞÜKÜROW,**
Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara gatnaşyklary we diplomatiýa kafedrasynyň mugallymy.

# Ulag diplomatiýasy:

## halklary birleşdirýän ýollaryň kuwwaty

Türkmençilikde gadym döwürlerden bäri ýol, köpri gurmak sogaply işleriň hatarynda görlüpdir . Adam haýsydyr bir ýere ugrajak bolanda «Ýoluň ak bolsun!» diýip dileg edilýär. Şeýle hem «Ýoly ýörän ýeňer», «Öz ýoluny tapan» diýen ýaly aýtgylar ýygy-ýygydan ulanylýar. Il içinde haýsydyr bir adamy ýakyndan tanajak bolsaň onda onuň bilen ýolda ýoldaş bol diýilýär. Häzirki günlerde hem ýola düşülende, köprüden geçilende ýagşy arzuw-niýetler edilýär. Paýhasy gözbaşyny müňýyllyklardan alyp gaýdýan halkymyz ýoldur, köprä mukaddeslik hökmünde garap gelýär.

Taryhdan häzirki güne çenli halklaryň arasynda dostlugyň ösmeginde, söwda-ykdysady gatnaşyklaryň berkemeginde halkara söwda ýollarynyň ähmiýeti örän uly bolupdyr. Muňa mysal hökmünde b.e.öňki II asyrda Parfiýa döwleti bilen Hytaý döwletiniň arasynda söwda-ykdysady, syýasy-diplomatik gatnaşyklaryň ösmeginde Beýik Ýüpek ýolunyň wajyp ähmiýeti bolupdyr. Orta asyrlarda hem Türkmenistanyň çäginde ýerleşen Merw, Köneürgenç, Nusaý ýaly birnäçe şäherleriň gülläp ösmeginde Beýik Ýüpek Ýolunyň täsiriniň ýokary bolandygyna taryh şaýatlyk edýär.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda Bitarap Türkmenistan döwletimiziň parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri-de ulag diplomatiýasyny ösdürmekdir. Türkmenistan döwletimiz «Demirgazyk – Günorta, Günbatar – Gündogar» ugurlary boýunça ulag geçelgeleriniň çatrygynda ýerleşýär. Bitarap Watanymyz Merkezi Aziýa sebitinden geçýän sebit we sebitara ulag ýollaryny emele getirmäge, olary netijeli peýdalanmaga özüniň mynasyp goşandyny goşýar. Ýeri gelende bellesek, 2007-nji ýylda Eýran Yslam Respublikasynda geçirilen Hazarýaka döwletleriniň döwlet ýolbaşçylarynyň sammitinde Gahryman Arkadagymyz «Demirgazyk – Günorta» ugry boýunça «Gazagystan – Türkmenistan – Eýran» transmilli demir ýoluny gurmak barada ilkinji teklibini hödürledi. 2014-nji ýylda bu demir ýoluň gurluşygy tamamlandy. Bu ýol Türkmenistanyň çägi arkaly Ýewropa ýurtlary üçin Baltika deňzindäki portlardan Pars aýlagynyň, Ýakyn we Orta Gündogaryň haryt we çig mal bazarlaryna, Hindi ummanynyň kenaryndaky döwletlere göni çykalgany açdy.

Türkmenitanyň ulag diplomatiýasy Merkezi Aziýa sebitinde durnuklylygyň berkidilmegine uly goşant goşýar. «Kyýamat güni goňşudan» diýlişi ýaly häzirki döwürde Owganystany Merkezi Aziýadan üzňe bir döwlet hökmünde göz öňüne getirmek mümkin däl. Şu nukdaýnazardan «Kerki – Ymamnazar-Akina-Andhoý», «Serhetabat – Turgundy» demir ýollary ýaly taslamalaryň Owganystanyň durnukly ösüşine uly goşant goşýandygy ikuçsyzdyr.

Ýurdumyzyň ulag diplomatiýasynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri hem Merkezi Aziýa, Ýakyn we Orta Gündogar döwletleriniň arasyndaky ulag-üstaşyr ýollaryna söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy berkitmekden ybaratdyr. 2011-nji ýylyň aprel aýynda Aşgabatda Özbegistan – Türkmenistan – Eýran – Oman täze halkara ulag-üstaşyr geçelgesini döretmek baradaky Ylalaşyga gol çekilmegi hem bu ugurda türkmen halkynyň Milli Lideriniň parasatly başlangyçlarynyň uly goldawa eýe bolýandygynyň nobatdaky subutnamasy boldy. 2022-nji ýylyň iýul aýynda Aşgabatda «Halkara ulag-üstaşyr geçelgeleri: özara arabaglanyşyk we ösüş» atly halkara maslahatyň çäklerinde Aşgabat Ylalaşygy boýunça Eýran Yslam Respublikasynyň, Katar döwletiniň, Oman Soltanlygynyň, Türkmenistanyň hem-de Özbegistan Respublikasynyň hökümetleriniň arasynda işçi komitetiniň üçünji mejlisi geçirildi. Şol ýylyň ýylyň awgust aýynda nobatdaky gezek Aşgabat Ylalaşygyna gatnaşyjy ýurtlaryň Awazada geçirilen Utgaşdyryjy geňeşiniň mejlisinde Türkmenistan, Eýran, Özbegistan we Gazagystan Halkara ulag we üstaşyr geçelgesini döretmek hakynda ylalaşyga (Aşgabat ylalaşygy) Goşmaça teswirnama gol çekildi.

Sebitde durnukly ulag ulgamyny üpjün etmekde amala aşyrylýan taslamalaryň biri hem uzynlygy 600 kilometre deň bolan Aşgabat – Türkmenabat ýokary tizlikli awtomobil ýoludyr. Bu ýoluň Aşgabat – Tejen bölegi 2021-nji ýylyň oktýabr aýynda Gahryman Arkadagymyzyň gatnaşmagynda, Tejen – Mary bölegi bolsa 2024-nji ýylyň aprel aýynda hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda açylyp ulanmaga berildi. Ýoluň Mary – Türkmenabat böleginiň gurluşygy häzirki wagtda ýokary depginlerde alnyp barylýar. Bu ýokary tizlikli awtomobil ýoly diňe bir ýurdumyzyň ulag ulgamy üçin däl, eýsem sebit üçin hem örän uly ähmiýete eýedir. Onuň durmuşa geçirilmegi Aziýa – Ýuwaş umman sebitine çenli uzalyp gidýän awtoýollaryň köpşahaly ulgamyna çykmaga, uzak aralyga ýükleriň çalt we arzan daşalmagyna uly ýardam eder.



Bir söz bilen aýdanymyzda halkara gatnaşyklarynyň çylşyrymly häsiýete eýe bolýan häzirki günlerinde Bitarap Watanymyzyň ulag diplomatiýasy Merkezi Aziýada sebitara integrasiýanyň pugtalandyrylmagynda, tutuş dünýäde durnukly ulag ulgamynyň berkidilmeginde möhüm ähmiýete eýedir. Şeýle işleri geljekde hem durmuşa geçirmek, täze derejä çykarmak öňde goýlan wezipeleriň biri. Şol işlere amal etmekde bolsa ähli mümkinçilikler göz öňünde tutulan. Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi hasaplanýan Türkmenistanyň häzirki günlerde hem şeýle derejä eýe bolmagyny gazanmak möhüm bolup durýar.

**Ylhas HALLYÝEW,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň II ýyl talyby.

*Туркменистан имеет жизненно важное значение с точки зрения турецкой культуры и истории. Из этого региона Хорасан и Хорезм вышли величайшие ученые, политики и государственные деятели турецко-исламской истории.*

*Абдуллах ЭРЕН*

# НЕЙТРАЛИТЕТ – ВЫСШЕЕ ПРОЯВЛЕНИЕ ИСКОННЫХ МИРОЛЮБИВЫХ ТРАДИЦИЙ ТУРКМЕНСКОГО НАРОДА

*Амангельды РАХМАНОВ,*
*Заведующий кафедрой Института международных отношений МИД Туркменистана,*
*Заслуженный дипломат Туркменистана,*
*Чрезвычайный и Полномочный Посланник Советского Союза,*
*Чрезвычайный и Полномочный Посол Туркменистана,*
*кандидат философских и доктор исторических наук, профессор.*



**(Начало в прошлом номере).**

В настоящее время Туркменистан экспортирует более чем ста видов своей продукции на экспорт, и количество стран, являющихся торгово-экономическими партнерами нашей страны превысило более чем 100 государств мира и это говорят об успешном развитии внешнеэкономического сотрудничества Туркменистана.

Для экономического сотрудничества с другими странами энергетический сектор для Туркменистана имеет наиболее важное значение, ибо в нашей стране, в частности, запасы природного газа составляют 50 триллион кубических метров и по его запасам Туркменистан занимает 4-е место в мире. В 2024 году объем добычы природного газа в Туркменистане составил 77,8 млрд кубических метров.

Туркменистан также расширяет пути вывоза своих энергетических богатств на мировые рынки. Например, 14 декабря 2009 года была сдана в эксплуатацию газопровод Туркменистан – Китай, получивший название Проект XXI века. Согласно достигнутой в ноябре 2011 года между Туркменистаном и Китаем договоренности, объем экспортируемого туркменского природного газа в Китай будет доведен до 65 миллиардов кубометров в год. Сегодня газопровод Туркменистан – Китай обеспечивает в этой дружественной стране сотни миллионов человек экологически чистой энергией.

Туркменистан также строит стратегический газопровод Туркменистан-Афганистан-Пакистан-Индия. В начале сентября 2024 года наша страна начала новый этап строительства этого газопровода на афганской территории.

Особое внимание дальнейшему развитию торгово-экономического направления нейтральной политики Туркменистана придавала Национальная программа социально-экономического развития Туркменистана на 2022–2052-е годы. В ней одним из пяти стратегических направлений внешней политики Туркменистана является «Целенаправленное развитие внешнеэкономических отношений и их диверсификация». Это означает, что Туркменистан в течении будущих десятилетий все более сблизится с экономическим, промышленным, научно-техническим и технологическим пространством мира, намерен увеличить количество своих готовых экспортных продукций десятки, даже сотни раз, усилить свое международное сотрудничество по использованию возобновляемых источников энергии и прежде всего солнечной, активизировать сотрудничество с такими крупными специализированными структурами, как Международный валютный фонд, Всемирный банк, Всемирная торговая организация (в последней Туркменистан с 22 июля 2020 года является наблюдателем), а также региональными финансовыми институтами.

Очень важным является и культурно-гуманитарный аспект нейтральной внешней политики Туркменистана. Наша страна строит свои отношения с другими государствами на основе уважения к культуре, традициям и обычаям их народов. Туркменистан рассматривает культурно-гуманитарные контакты как одно из важнейших средств сближения народов, углубления взаимопонимания между ними, развития отношений дружбы и сотрудничества. Наша страна поощряет обмен духовными ценностями между народами, процессы взаимопроникновения и взаимообогащения культур.



Об отношениях Туркменистана с Организацией Объединенных Наций. ООН – первый и основной партнер Туркменистана. Туркменистан – член ООН. Внешнеполитические инициативы страны, сотрудничество с ООН по вопросам превентивной дипломатии, миротворческая сила нейтралитета.

Независимый Туркменистан с самого начала в качестве основного своего партнера выбрал ООН, ибо она была самым высоким международным уровнем решения возникающих споров и разногласий, основным механизмом обеспечения всеобщего мира и безопасности. К тому же, долгосрочные цели как Туркменистана, так и ООН соответствовали друг другу.

> **Наша страна строит свои отношения с другими государствами на основе уважения к культуре, традициям и обычаям их народов.**

Именно поэтому, уже на 46-ой сессии Генеральной Ассамблеи ООН (2 марта 1992 года) Туркменистан стал членом этой крупнейшей межправительственной Организации. И созданное при ООН Постоянное представительство нашей страны было первым ее дипломатическим представительством, учрежденным за рубежом.

В работе 46-ой сессии ГА ООН принимала участие туркменская делегация, возглавляемая профессиональным дипломатом, ученым-международником, заместителем министра иностранных дел страны Амангельды Рахмановым. И главной задачей делегации заключалась в ознакомлении международного сообщества с новым молодым независимым государством – Туркменистаном с тем, чтобы обеспечить его успешный прием в члены ООН. Делегация блестяще выполнила поставленные перед нею ответственные задачи.

В этот наиболее сложный период для молодой туркменской дипломатии период, первый Президент Туркменистана С. Ныязов назначил А.Рахманова также первым Постоянным представителем Туркменистана при ООН в ранге Чрезвычайного и Полномочного Посла.

Вступая в члены ООН Туркменистан преследовал цель налаживать и развивать с международным сообществом многосторонную дипломатию и эффективно осуществлять свою нейтральную политику через ООН и организации ее системы. И максимально полное выявление и правильное определение национально-государственных интересов Туркменистана в ООН и организации целенаправленного сотрудничества по их реализации позволили обеспечить нашей стране полнокровное участие в деятельности ООН.

Туркменистан и ООН располагают огромным потенциалом взаимодействия в различных сферах. За последние годы сотрудничество между Туркменистаном и ООН приобретало стратегический характер и сегодня взаимное сотрудничество нашей страны и ООН охватывает почти все стороны их жизни.

На сессиях ГА ООН Туркменистан постоянно выдвигает все новые и новые крупномасштабные внешнеполитические инициативы, которые находят в мировом сообществе широкое признание и вносят весомый вклад в решение региональных и глобальных проблем, стоящих перед человечеством. В первую очередь это касается обеспечения энергетической, экологической, водной, транспортной безопасности и обеспечения общей безопасности в Центральной Азии и в бассейне Каспийского моря, придание политическому сотрудничеству расположенных здесь государств постоянного характера.

**(Продолжение следует).**

*Посольство Кореи в Туркменистане сообщило о том, что с 11 по 20 апреля состоится онлайн-ярмарка образовательных программ изучения корейского языка в 2025 году, организуемая Национальным институтом международного образования (NIIED) при Министерстве образования Республики Корея.*

# MERKEZI AZIÝA BILEN ÝEWROPANY HAS-DA ÝAKYNLAŞDYRAN MÖHÜM ÄDIM

Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan bilen Ýewropa Bileleşiginiň arasyndaky hyzmatdaşlyk deňhukuklylyk, birek-birege hormat goýmak, özara bähbitlilik ýörelgeleri esasynda ösdürilýär. Bu bolsa uzak möhletli gatnaşyklar üçin esas bolup hyzmat edýär. Şunuň bilen baglylykda, ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň köpugurly häsiýete eýedigini bellemek gerek. Ýurdumyz ÝB bilen syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer ulgamlarda üstünlikli hyzmatdaşlyk edýär. Bu düzüm bilen ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmäge gönükdirilen maksatnamalary we taslamalary durmuşa geçirmekde netijeli gatnaşyklar alnyp barylýar.




Howanyň üýtgemegi, üstaşyr ulag geçelgelerini işjeňleşdirmek, energetika, ylym-bilim, sebit howpsuzlygy, suw serişdelerinden rejeli peýdalanmak hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynd ad yr. Aziýa bilen Ýewropany birleşdirýän söwda ýollarynyň çatrygynda ýerleşýän Merkezi Aziýa ýurtlary soňky ýyllarda maýa goýumlar üçin täze mümkinçilikleri döredip, daşary ykdysady gatnaşyklaryny giňeldýärler. Munuň özi sebitiň dünýä hojalyk gatnaşyklary ulgamyna işjeň goşulyşyp, ählumumy ykdysadyýetiň möhüm bölegine öwrülmegine ýardam berýär.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow 4-5-nji aprelde Özbegistana amala aşyran iş saparynyň çäklerinde «Merkezi Aziýa — Ýewropa Bileleşigi» görnüşindäki birinji sammite gatnaşdy.

Sammitiň gün tertibine söwda-ykdysady, maýa goýum gatnaşyklaryny berkitmek, «ýaşyl» energetikany, «ýaşyl» ykdysadyýeti ilerletmek, ulag we sanly aragatnaşygy gowulandyrmak, medeni-ynsanperwer gatnaşyklary giňeltmek bilen baglanyşykly meseleler girizildi.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz sammitde eden çykyşynda duşuşygyň aýratyn ähmiýetine ünsi çekip, Merkezi Aziýa ýurtlarynyň hem-de Ýewropa Bileleşiginiň ýokary derejedäki şeýle duşuşykda ilkinji gezek gepleşikleri geçirýändigini belledi.

Şeýle-de hormatly Prezidentimiz Merkezi Aziýa bilen Ýewropa Bileleşiginiň arasyndaky ykdysadyýetde we maýa goýumlarda, energetika, ulag, söwda pudaklarynda hyzmatdaşlygyň mümkinçiliklerine ýokary baha berilýändigini, bularyň ileri tutulýan ugurlar hasaplanýandygyny aýdyp, Türkmenistanyň Ýewropa Bileleşigi bilen netijeli energodialogy täze derejede ýola goýmaga çalyşýandygyny we bu ugurda iş ýüzündäki ädimleri ätmäge taýýardygyny tassyklady.

Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlygy ösdürmäge we giňeltmäge ygrarlydygyna ünsi çekip, Ýewropa Bileleşiginiň köp ýyllardan bäri Merkezi Aziýa sebitinde durmuşa geçirýän bilim taslamalarynyň we maksatnamalarynyň netijelidigini minnetdarlyk bilen belledi. Şolaryň arasynda «TEMPUS-TACIS», «ERASMUS-MUNDUS», «DARYA» ýaly giň gerimli maksatnamalar bar.

Umuman alnanda, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň «Merkezi Aziýa — Ýewropa Bileleşigi» görnüşindäki birinji sammite gatnaşmagy Türkmenistan ähli gyzyklanma bildirýän ýurtlar bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürmäge ygrarlydygynyň nobatdaky beýany boldy. Şeýlelikde, bu ýokary derejeli duşuşygyň netijeleri Merkezi Aziýa ýurtlary bilen Ýewropa Bileleşiginiň arasynda söwda-ykdysady, maýa goýum, ulag, medeni-ynsanperwer ulgamlardaky gatnaşyklary ösdürmegiň mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşmakda we bu ugurda bilelikdäki strategiýalary işläp taýýarlamakda möhüm ähmiýete eýe boldy.

**Ogulnar ORAZMYRADOWA,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň IV ýyl talyby.

# НОВОСТИ ДИПМИССИИ

**2 апреля в штаб-квартире Организации Объединенных Наций в Вене прошла презентация книги Президента Туркменистана Сердара Бердымухамедова «Махтумкули – мыслитель мира». Мероприятие было организовано Посольством и Постоянным представительством Туркменистана в Вене в рамках празднования Международного дня Новруз.**

**4 апреля Посольство Туркменистана в Токио совместно с Японским советом по культурному обмену провело культурный форум, посвящённый Международному году мира и доверия. Гости, приглашенные на форум, смогли познакомиться с культурными традициями Туркменистана, а также попробовали национальные блюда туркменской кухни**

**4 апреля Чрезвычайный и Полномочный Посол Туркменистана в Минске Назаргулы Шагулыев провел встречу с председателем правления Белорусской универсальной товарной биржи Александром Осмоловским.**

**В ходе встречи, которая состоялась по инициативе белорусской стороны, Осмоловский подробно ознакомил посла с деятельностью биржи, её ключевыми функциями и перспективами двустороннего сотрудничества. Председатель правления биржи отметил, что БУТБ является одной из ведущих торговых площадок в регионе, обеспечивающей прозрачные и эффективные механизмы заключения сделок.**

**8 апреля состоялась ознакомительная встреча Чрезвычайного и Полномочного Посла Туркменистана в Республике Армения Мухамметгелди Аязова с новоназначенным начальником Департамент Евразийского региона Министерства иностранных дел Республики Армения Георгием Кочаряном. В ходе содержательной беседы, стороны отметили плодотворный характер сотрудничества в двустороннем и многостороннем форматах в рамках авторитетных международных структур.**

*Подготовила:*
**Ораздже мал ЧАРЫЯРОВА,**
студентка II курса факультета международной журналистики.

***3 апреля по инициативе Туркменистана в Вене состоялась встреча послов стран Центральной Азии с Генеральным секретарем ОБСЕ. Участники обсудили широкую повестку дня ОБСЕ и роль Центральной Азии в продвижении Хельсинкских соглашений.***

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT
ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

Baş redaktor
**Täzegül KULJIKOWA**

*Baş redaktoryň orunbasarlary:* M.Mätgurbanow, G.Gurbansähedow.
*Jogapkär kätip:* B.Garaýew.
*Jogapkär kätibiň orunbasary:* A.Kaşaňow.
*Bölüm müdiri:* J.Öwezowa.
*Edebi işgärler:* A.Ýazweliýew, O.Çaryýarowa, A.Nobatowa, Ý.Hallyýew.
*Korrektorlar:* A.Döwletowa, M.Orazdurdyýewa.

*Redaksion geňeşiň agzalary:*
B.Ataýew, M.Berdinyýazow, A.Gökleňow, R.Bäşimow, B.Saryýew, B.Amansaryýew, B.Karaýew, M.Gandymowa, P.Çaryýew, J.Pürjäýewa, O.Amanmuhammedowa.

Gazet elektron görnüşinde HGI-niň www.iirmfa.edu.tm internet saýtynda ýerleşdirilýär.

E-mail:
hgi.redaksiya@gmail.com